# “Berkarar Döwletiň Täze Eýýamynyň Bagtyýar Gerçekleri” bäsleşiginiň jemleýji tapgyrynyň netijeleri

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň we Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň guramagynda, 3-nji maýda Ýeňiş güni mynasybetli ýurdumyzyň talyp ýigitleriniň arasynda “Berkarar Döwletiň Täze Eýýamynyň Bagtyýar Gerçekleri” atly döredijilik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi.

Emin agzalary hökmünde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň medeniýet we köpçülikleýin habar beriş bölüminiň müdiri *Wepa Öwezow*, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ýokary we orta hünär bilim bölüminiň orunbasary *Baýram Saryýew*, Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internadynyň tans mugallymy *Serdar Gurbanow*, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky akademika drama teatrynyň sahna ussady Türkmenistanyň halk artisti *Baýrammyrat Kerimow* we Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň mukamlar köşgüniň estrada artisty toparynyň ýokary derejeli artisti, wokalist Türkmenistanyň halk artisty *Myrat Baýramgeldiýew* gatnaşdy.

Bu bäsleşik üç şertden ybarat bolup, bäsleşigiň birinji şerti boýunça talyp ýigitler özleriniň saýlan hünäriniň jemgyýetdäki ornuny çeper okaýyş bilen wasp etdiler. Bäsleşigiň ikinji şertinde, “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýyly bilen baglanyşykly aýdymdyr sazlar, goşgudyr sahnalar ýerine ýetirildi. Bäsleşigiň üçünji şertine laýyklykda, bäsdeş ýigitler ýekelikde şorta sözlerdir gülküli sahnalary şowly ýerine ýetirip, dabaranyň şowhunyny artdyrdylar.

Все права защищены

save pdf date >>> 22.11.2024



Все права защищены




Emin agzalaryň adalatly beren kararyna laýyklykda bäsleşigiň ýeňijileri:

**BAŞ BAÝRAK**

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň 5-nji ýyl talyby ***Kurdow Mekan***.

**I ORUN**

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň 1-nji ýyl talyby ***Baýramow Begenç***.

**II ORUN**

Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň 4-nji ýyl talyby ***Garlyýew Akmyrat***.

Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň 2-nji ýyl talyby ***Ýazdurdyýew Muhammetaly***.

Все права защищены

**III ORUN**

Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk institutynyň 4-nji ýyl talyby ***Atabaýew Hydyr.***

Türkmen oba hojalyk institutynyň 1-nji ýyl talyby ***Nazarmät Tirkeşmädow***.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň 3-nji ýyl talyby ***Hallyýew Meýlis***.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň bagtyýar gerçekleri” atly döredijilik bäsleşiginde ýeňiji bolan talyp ýigitlere Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň adyndan Hormat hatlary we sowgatlar gowşuryldy.



Все права защищены



Все права защищены